# Magtymguly -21/ romanyñ dowamy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 23 января, 2025
Magtymguly -21/ romanyñ dowamy BÄŞINJI BÖLÜM

■ «Töreýitde harman gursak…»

Daň golaýlapdy. Asmanyň gara perdesiniň ýüzüne süýt reňki çaýylyp ugrapdy. Ýere bakyp göz gypyşýan ýyldyzlar kem-kemden ýitip barýardy. Töreýidiň meýdanyna ekilen bugdaý hem arpa giden gözýetimi tutup, saralyp ýatyrdy. Orak orlup gutarypdy. Daýhanlar gije-gündiz dövegiň üstünde bolýardy. Olar işe ýaraýan maşgalalaryny-da alyp gidipdi. Gully ýetim hem aýaly Hajarbibidir alty ýaşly ogly Ilamany getiripdi. Uzakly gün döwek döwüp, harman atyp sütüni süýnen daýhanlar süýji ukuda ýatyrdy. Döwekçi atlar boýunlaryny sallaşyp durdy, çydamly öküzler äwmezlik bilen gäwüş çalýardy.
Uzakda aýylganç arryldy peýda boldy. Arryldyny eşiden öküzler syçrap ýerinden turdy, atlar gazyklarynyň daşynda pyrlanmaga başlady. Adamlar ukudan oýandy. Ilki oýananlaryň biri-de Gulla ýetimdi. Arryldy eşidilen tarapda tüpeň atyldy. Tüpeň sesiniň yzy bilen arryldy ýene gaýtalandy.
– Gaplaň! – diýip, Gully ýetim hüňürdedi.
– Gaplaňyň arryldysy tüpeň sesinden soň çyksa, ondan gorkaýmalydyr – diýip, bir ýaşuly jogap berdi. – Ýaraly gaplaň awçyny heläk eder!
– Atlanyň! – diýip, Gully ýetim çalasyn ýerinden turdy. – Bir bende biziň kömegimize mätäç bolaýmasyn!
Daýhanlar meýdan işine bile gidýärdiler, bir ýerräkde goş tutunýardylar. Garakçylardan ýa-da alamançylardan goranmaly bolanda-da agzybirlik bilen goranýardylar. Bu gezek hem olar agzybirlik bilen atlandylar.
Jahan ýagtylypdy. Töwerekdäki zatlar saýgardýardy. Gully ýetim töweregine syn edip barýarka, bir mele atyň jülgäniň

alkymyndaky otluk meýdanda süýnüp ýatandygyny gördi. Atyň öň aýaklary duşaklydy. Rehimsizlik bilen çeýnelen bogazyndan akýan gan dym-gyzyl bolup ýatyrdy.
– At dagam däl eken! – diýip, Baky nebsagyryjylyk bilen başyny ýaýkady.
– O taýdan bir gara görünýä-le! – diýip, Körpeje köteliň etegine baka başyny atdy.
Gara görnen tarapa sürdüler. O taýda bir äpet gaplaň ala çuwal ýaly bolup ýatyrdy. Gaplaňyň çep omzunda gülle ýarasy bardy, çep bykynynda ak saply pyçak sanjylgydy. Onuň gapdalynda takmynan otuz bäş ýaşly daýanykly ýigit ýatyrdy. ýigidiň gapdalynda şemhal tüpeň, okly sagdak we ýaý ýatyrdy.
– Sen haýal etme-de, goşa baka eň! – diýip, Gully ýetim Baka ýüzlendi. – Bir mytara suw alyp gel.
Baky atlandy-da, goşa baka sürdi.
Ýaraly ýigidiň, çep goşaryndan gan gidýärdi. «Ol çep goşaryny gaplaňyň agzyna berip, sag eli bilenem pyçaklandyr» diýip, Gully ýetim çak etdi. Nätanyş ýigidiň çekgesi, omuzlary, döşi dilim-dilimdi. Onuň ýaralaryny daňdylar. Az salymdan soň nätanyş gözüni açdy, suw diledi.
– Azajyk sabyr et! Häzir suw geljek – diýip, Gully onuň kellesine tekge berdi.
Ýaraly ýigit Gully ýetime çiňerilip seretdi. Onuň beýle içgin seredişi Gully ýetime geň göründi.
Baky dolanyp geldi. Ýaraly ýigide suw berdiler.
– Ata münmäge ýararmyň? – diýip, Gully ýetim sorady.
– Bilemok.
– Meniň syrtyma münäý! Maňa ýaplanyp oturarsyň. Barjak ýerimiz uzak däl.
Gully ýetim atlandy. Ýaraly ýigidi syrtyna mündürdiler.
«Guş ganatsyz ýaşap bilmez, adam umytsyz» diýlişi ýaly, her kim gowa garaşýar. Bendiler azatlygy, garyplar gurply durmuşy, hassalar saglygy umyt edýär. Gully ýetimiň rehimdarlygy bilen meýdan goşuna getirilen ýaraly ýigit hem sag-aman gutulmak arzuwy bilen birnäçe gün ejir çekip ýatdy. Gully ýetim obadan tebip getirip, onuň ýarasyna melhem etdiler. Ony ýelden-günden gorajak bolup, çöpküme dikip berdi, öz iýmeýän zadyny oňa

iýdirdi.
Wagt geçdigiçe nätanyş ýigidiň ýarasy ganymatlaşýardy. Ýöne süňňi sagalyp, paýhasy durlandygyça müýnli gözlerinde tukatlyk alamaty köpelýärdi. Ol geplemeýärdi. Soralan soraga «hawa» ýa-da «ýok» diýip, gysgajyk jogap berýärdi.
Bir gün Gully harman atyp durka, Hajybibi geldi.
– Iýer ýaly zat bişirdiňmi? – diýip, Gully sorady.
– Ýarma bişirdim, onsoňam dänik gaýnatdym.
– Dänikdenem nahar bolarmy? Ondan-a gowurga-da gowy.
– Ilaman janyň dänik iýesi gelipdir. Şoň üçin bişirdim. Azajyk gowurmamyzam bar welin, myhman üçin goýaýdym.
Gully ýetim goşa geldi. Bu wagt myhman kümesinden çykyp, daşarda otyrdy. Çep eli boýnundan asylgydy.
– Tüweleme! Daşaryk çykaýdyňmy? – diýip, Gully ýetim myhmana hoşamaýlyk etdi. – Düşek üstüne geç!
Myhman sag eline direnip ýerinden turdy-da, düşegiň üstüne geçdi. Hajybibi myhman üçin ýörite nahar bişirmekçi boldy.
– Azar edinme! – diýip, myhman geleli bäri birinji gezek gürledi. – Öz oňan naharyňyz bilen menem oňaryn.
– Ol bolmaz Sen gurplanmaly ahyry!
– Ýok! Onsuzam maňa hyzmat etme kemini goýmadyňyz. Eden ýagşylygyňyz Alladan gaýtsyn!
Geplemezek myhmanyň birden dil açmagy Gully ýetime geň göründi.
– Elim gutulmasa-da, aýagym ýöremäge ýaryýa – diýip, myhman birden arzyny aýtdy. – Indi men ýoluma gidibersem diýýän.
– Birden beýle saňa näme küý geldi?
– Aý, ýöne… Ýolagçy ýolda gerek diýipdirler.
– Barjak ýeriň golaýdamy?
– Myhman sebäpsiz ýere ýarasynyň daňysyna güýmenen bolup, soragy jogapsyz galdyrdy.
– Şu ýagdaýda seni goýberesim-ä gelenok – diýip, Gully ýetim jogap berdi. – Ýene birnäçe günjük gaýrat et! Gutulaňsoň özüm ýola salyp goýbererin.
– «Myhmany atar, badyňy gutar» diýipdirler. Meni ugradaýanyňdan gowusy ýokdur.
Gully ýetim myhmana bir zat diýjek bolup diýip bilmän, esli

salym sagynyp durandan soň, ahyry dillendi:
– Ikimiz esli günläp duz-emek bolsagam biri-birimiziň adymyzam bilemzok. Sen kimdigiňi berin aýt! Nesibe çekip, ýene bir wagt duşuşaýsak, birek-biregi tanap goýsak ýagşy!
Myhmanyň ýüzi boz-ýaz boldy. Solak ýüzüne sowuk der indi.
– Sen aýyp görme, Gully! Men kimdigimi, nä kärdäki adamdygymy aýdyp biljek däl. Sen özüňi taňrynyň bir asy guluna hemaýat eden adam diý-de hasap edäý!
Ýarma iýdiler.
– Bereketiňiz artsyn! – diýdi-de, myhman kümä girdi.
Gully ýetim Ilamany gujagyna alyp gyşardy. Birsalym onuň bilen oýnady.
Uzyn gün döwek döwüp, harman atyp halys bolan adamlar derrew uka gitdi. Gully ýetim şol uka gidişine daň saz berýänçä sarsman ýatdy. Ony Hajybibi oýardy.
– Myhmanymyz ýok-la!
Gully ýetim kümä seretdi. Küme boşdy. Myhmanyň atyndan aýrylan eýerdir uýan kümäniň öňünde ýatyrdy. Gully ýetim birden howsala düşdi-de, atyny daňan ýerine seretdi. At gazygyndady. Onsoň töweregine garanjaklap, obadaşlarynyň atlaryna göz aýlady. Olaryň hemmesi tükeldi.
Myhmanyň duýdansyz sumat bolaýşyna beýleki döwekçiler hem geň galdy. Nätanyş myhmanyň bu etmişi barada her kim her hili pikir etdi. Biri «Ol garakçydyr» diýdi, ýene biri «dönükdir» diýdi, başga biri «Ol keramatly ýagşyzada bolaýmasyn» diýdi.
Döwek tamamlanyp barýardy. Depe bolup ýatan harmanlar ikä bölünip, bir bölegi altyn çäje, beýleki bölegi saman depesine öwrülipdi. Gyzyl däneler ala çuwallara gapgarylýardy. Kömekçisi köp bolan hojalyklaryň däneleri, samanlary oba çekip başlanlary-da bardy. Olaryň biri-de Küti pälwanyň ogly Batmandy. Ol bir gezek oba ýük äkidip geldi-de, täze habar getirdi.
– Magtymguly şahyr gaýdyp gelipdir!

■ «Aksakgal baýlaryň azanda päli…»

Gully ýetim Magtymgulylara baranda öýde bir topar adam

gürleşip otyrdy, Magtymguly ýokdy.
– Şahyr gelipdir diýip eşitdik, ol ýokmudy? – diýip, Gully ýetim däp boýunça salamlaşandan soň sorady.
– Küti pälwan pahyryň ýerine gitdi – diýip, Ussagara jogap berdi. – Aýat okap geljek.
Gully çokaýyny çykaryp, düşegiň üstüne geçdi. Oturanlar bu ýyl däne hasylynyň bereketliligi hakynda gürrüň edýärdi.
– Sag-aman harman alyp, dänesini dulumyza basaýsak, bergiden-ä çyksak gerek! – diýip, Esen golak göwün ýüwürtdi. – Nesip etse, bugdaý çöreginem iýip bileris.
– Wah, dänäni duluňa saldyraýsalar, hezil edersiň-le! – diýip, Batyr onbegi jogap berdi. – Gyzylbaşlar eýýäm çuwallaryny somlaşyp, salgyt ýygnamaga gelýämiş diýýäler.
– Ol alany haram bolmuşlaryň azar ýamanyny berip gideni ýas-ýaňy dälmidi? Günde-günde-de bir salgyt bolarmy?
– Beterinden saklasyn diý! – diýip, Ussagara gürrüňe goşuldy.
– Agamuhammet patyşa zentler bilen uruş edýä. Oňa odun çydadyp bolmaýşy ýaly, urşa-da zat çydadyp bolýamy näme!
– Döremän geçen agta1 patyşa-da uly iliň başyna dert boldy! – diýip, Esen golak zeýrendi. – Biz çagamyza çörek tapamzok. Ol zalym welin, ýurt basyp almakdan doýanok.
Söz şu ýere ýetende Magtymguly bilen Orazmeňli gapydan girdi. Öýdäkiler Magtymguly bilen görüşdiler.
Mundan birnäçe ýyl ozal üýşmeleňde saglyk-amanlyk soraşylanda köp adamlar Magtymgula «amanmy» diýerdi. Indi «amanmy» diýmek gezegi
Magtymgulynyň özüne ýetipdir.
– Syýahatyň mübärek bolsun! – diýip, Esen golak mesawy äheňde sorady. – Hany, «Siz Horezmdenem aňryk gidenmişiňiz» diýip bir gürrüň çykardylar-la. Ugrunda barmydyr?
– Hawa, Seýit Nyýazy bizi öz iline – Aždarhana äkitdi. Aždarhan sebitinde-de türkmenler bar. Olaryň arasynda Seýit Nyýazynyň abraýy uly eken. Aždarhanly türkmenler oňa Hatam şahyram diýýäler.
– Aždarhan diýenem ýurt barmaýt?
– Aždarhan diýen şäher bar. Köp jemendeli uly şäherde ors kethudalary häkimlik edýär. Türkmenler ol ýere Mangyşlak

sebitinden göçüp baryp, ors raýatlygyna geçipdir.
– Olaryň-aýt Aždarhan ýaly ýat ýurda göçüp barmasy nämekä?
– Çölde gezip ýören boz jerenler adam görse gaçýa. Emma birden ahmallyga düşüp, börülere üstüni aldyraýsa, adamdan haraý isläp, adamyň ýanyna gelýä. Sebäbi, adamyň börüden güýçlüdigini bilýär. Mangyşlak türkmenlerem çölüň boz jerenine döndi. Hywa hany bir ýandan, gazak hany ikinji ýandan, galmyk hany üçünji ýandan çekeläp, olary halys tozdurdylar. Türkmenlerde bolsa olara arka durup biljek döwlet ýok. Onsoň ol biçäreler öz janyny saklamak üçin, Aždarhana ýüz tutmaga mejbur bolupdyr.
– Olar Aždarhana baransoň berin talaňçylyk belasyndan dyndylarmyka?
– Ors döwleti güýçli döwlet. Uly-uly şäherleri, uly bazarlary bar. Şeýle köp halkly uly iliň hemmesem bir agza bakýar. Beýle güýçli döwlete raýat bolsaň, her ýeteniň saňa batyrnyp bilmejegi belli zat! Ýöne özüňiz bilýäňiz, kişä elgarama bolup ýaşajak bolsaň, bir zulumdan dynsaň başgasy tapylýar.
– Olary orslar horlaýamyka?
– Orslar horlanok. Ors häkimi Aždarhana göçüp baran türkmenlere häkimlik etmegi galmyk hany Ubuşä ynanypdyr. Aýdyşlaryna görä, galmyk hanlary orslaryň özlerine-de wepa bermeýän bolara çemeli. Men Aždarhandakam golaýda bolup geçen bir wakany gürrüň berdiler. Ubuşi han orslara beren kasamyny bozup, golunyň astyndaky adamlary alyp, Çynmaçyna gaçypdyr. Birnäçe menzil ýol geçenlerinden soň, türkmenler amatly pursat tapyp, yzyna gaçypdyr. Ubuşi han türkmenleriň yzyndan ýetip, öldürenini öldüripdir, öldürmediginem ýesir edip, Çynmaçyna äkidipdir. Az sanly türkmen zordan başyny gutaryp, yzyna dolanyp gelipdir. Aždarhýandaky türkmenleriňem ýagdaýy şeýleräk.
Adamlar Aždarhan hakynda ýene köp sorag berdiler. Magtymgulyny gören-eşiden zatlaryny gürrüň berdi. Soňra olar Magtymgulynyň täze goşan goşgularyny aýdyp bermegini towakga etdiler. Magtymguly birsellem olara goşgy aýdyp berdi. Şonda Ol garrylykdan käýinip goşan goşgusyny hem aýdyp berdi:

Ýigitligiň zory gitdi bilimden,
Dert ýamany garrylykdyr, ýaranlar.
Alajy ýok onuň gaýry ölümden,
Dert ýamany garrylykdyr, ýaranlar.

Magtymgulynyň garrylyk älemine gadam basanlygyny habar berýän bu goşgy adamlaryň sustuny basdy. Adam dünýä inýär, ösýär, ulalýar, dünýäden ötýär. Bu obadaky ýaşulularyň bir topary eýýäm dünýäden ötdi. Ajal sakysy bedew münüp ganym gaýtaran Buzlypolat serdardan-da, bir gezegem ýagyrnysy ýere degmedik Küti pälwandan-da ökde çykdy. Magtymgulam garrapdyr. «Alla oňa uzak ömür berewersin!»

Adamlar Magtymgula alkyş etdiler-de, işlerine gitdiler.

Öýde Ussagara, Orazmeňli, Gully ýetim galdy.

— Siziň geleniňizi eşitdim-de, salamlaşyp gaýdaýyn diýip geläýdim! — diýip, Gully ýetim sypaýyçylyk etdi.

— Gowy edipsiňiz, Gully! Meniňem sizi göresim geldi. Oba gelen badyma siziň saglygyňyzy soradym. Bir ýaraly bendäni bakyp-bejerip sana goşanyňyzam eşitdim. Olam aýak üstüne galan badyna bir gije sumat bolup ötägidipdir diýýäler.

— Şol myhmanyň nähili jemendedigine-hä bizem düşünmedik — diýip, Gully ýetim bolan wakany başdan-aýak gürrüň edip berdi.

— Indi siz akyly goýalyşan adam. Myhmanyňyzyň bolşundan, eden etmişlerinden hasap tutuň-da, paýhaslanyberiň!

— Beýle zatlara akyl ýetirer ýaly paýhas näme işlesin?

— Küti pälwan öljek bolanda öz ýerine sizi serdar etmegi maslahat beripdir. Siziň akyl-paýhasyňyza göwni ýetmese, pälwan aga beýle wesýet etmezdi!

— Menden serdar bolasy ýok-la! Serdarlyk etmek üçin uly döwletiň bolmaly, giň ojagyň bolmaly! Hany mende o zatlar?

Serdarlygyň gudraty saçak başynda damak ýyrtmak bilen ölçelmeýär. ýigidiň söweş meýdanynda görkezýän gaýraty bilen ölçelýär. Ol zatlara bolsa indi siz ýetik bolmaly! Siz Buzlypolat serdardan-da, Çowdur handan-da, Küti pälwandan-da tälim aldyňyz. Kän gowgalary başdan geçirdiňiz.

— Bu aýdýanlaryňyz dogry-la welin — diýip, Gully ýetim ýüzüni sallady. — ýöne iliň önüne düşmek üçin dagdan arkaň bolmaly.

Men bir hossarsyz ýetim!
– Çowdur hanam seniň ýaly ýetimdi. Emma ol ýeke gerkez ýigitlerine däl, külli gökleňe serdarlyk etmegi başardy. Men ýetim ýa-da garyp diýip, sustuňyzy pes tutmaň! Hemişe özüňizi Karundan baý, Rüsdemden güýçli, Isgenderden hökümli hasap ediň!
– Sözüňiz hak, şahyr! – diýip, Orazmeňli ylalaşdy. – Baý ogly bolup, parça geýýänleriňem Gullydan zyýat ýeri ýok.
– Olaryň görnetin bir artyk ýeri bar – diýiş, Gully ýetim jogap berdi. – Olaryň maly-puly köp. «Zamana beýledir göze ilmezler, her ýigidiň golda bary bolmasa» diýip, özüňiz aýdýaňyz ahyry. Bu wagtlar men serdar boljak diýip jar çekdirsem-de, hiç kim meniň yzyma düşmez. «Agzy gyşygam bolsa baý ogly gürlesin» diýlişi ýaly, nobat ýene baýlara ýeter. Nobat han diýer, Adna serdar diýer, Garrybaý diýer – serdarlyk edere aksakgal tapylar.
– Olaryň yzyna il düşse-de, biz düşmeris – diýip, Magtymguly kesgitli jogap berdi. – Öz gara nebsini uly iliň bähbidinden ileri tutýan adam ile baş bolup bilmez. Bize Buzlypolat serdar ýaly, Çowdur han ýaly watansöýer gerçekler gerek.
– Ýogsa-da, Gully ýetimiň syrly myhmany hakynda siziň pikiriňiz nähili, şahyr? – diýip, Orazmeňli sorady.
– Ilki bilen onuň gelşinden hasap tutalyň! Eger ol obadan, ilden gaçyp, çola meýdanda gizlenip ýören bolsa, ol gowy niýet bilen gelen adam däldir. Gowy niýet bilen gelen adam göni geler. Ikinjiden, eger ol size özüni tanatmaga çekinen bolsa, siziň ýanyňyzda bir müýnli ýeri bardyr. Onuň duýdansyz gitmegi has-da erbet! Munuň özi onuň bet niýetden el çekmänligine güwä geçýär.
Mundan birnäçe ýyl ozal Kyýas baý at-ýarag besläp gökleňleriň üstüne dökülmegi talap edipdi. Annatuwak serdar Kyýas baýyň bu teklibini kabul etmändi. ýöne Kyýas baý bilen bolan wakany bahana edinip, gökleňler bilen il bolmak barada eden ähdini bozdy. Güýçli duşmanyň öňünde ýalňyz galan gökleňler özlerini hem mal-garalaryny aman saklamak üçin, ýurtdan çykyp gitmäge mejbur boldy. Gökleňleriň başyna gelen bu hupbat Kyýas baýyň gözüne az göründi. Ol her edip-hesip edip, ýüregine düwen bet

niýetini gögertmegiň küýüne düşdi. Şol günler gökleňlerden oljasy oňmadyk gyzylbaşlar, eden ähdini bozup, ýomutlaryň üstüne döküldi. Olar ýomut obalarynda edip bilenlerini etdiler. Jellaplara satmak üçin Annatuwak serdaryň galasyna getirilen derileri, halylary we beýleki harytlary özleriniňki ýaly edip alyp gitdiler. Başa düşen bu towky ýomut ilini başagaýlyga saldy. Kyýas baýyň bet niýeti başa barman galdy. Ondan soň aýlar aýlandy, ýyllar geçdi. Talaňçylyk, aýralyk sebäpli çekilen hupbatlaryň awusy kem-kemden ýatdan çykdy. Günlerde bir gün Türkmensähra ähli Eýrany-Turany sarsdyran bir habar ýaýrady. Kerim han ölüpdir! Onuň ornuna Kerimiň ýegeni Alymyrat han şa bolupdyr. Bu habaryň yzysüre ondanam täsin habar ýaýrady. On bäş ýyl bäri Kerim hanyň golunda girewlikde saklanýan Agamuhammet gajary Şirazdan gaçyp, Mazanderana gelipdir. Gysga wagtyň içinde gajarlardan ýygyn jemläp, Astrabady, Gilýany, Kaşany özüne boýun egdiripdir. Astrabadyň hany Gulamaly han Agamuhammet gajarydan gorkusyna öýüni-ilini taşlap, gaçyp gidipdir. Aradan birnäçe wagt geçenden soň, «Agamuhammet gajary Ispihany, Tährany alyp, tagtyny Tähranda gurupdyr» diýen habar ýaýrady. Bu habar Kyýas baýyň öçen çyrasyna ýag guýdy. Ol atabaýlar tiresinden bolansoň, özüni gajarlar bilen garyndaş hasap edýärdi. Ol Agamuhammet gajarynyň ýanynda ýüzli adamlardan biri bolan Hojamberdi hanyň huzuryna bardy.

– Agamuhammet patyşa zentler bilen aldym-berdimli söweş edýän pursaty biziň oňa ýardam etmegimiz gerek! – diýip, Hojamberdi han nesihat berdi. – Häzir sen Agamuhammet patyşa hemaýat etseň, geljekde mertebäň belent boljagyna kepil geçýän.

Şondan soň Kyýas baý Hojamberdi han bilen gatnawuny ýygaltdy. Özüni Agamuhammet gajarynyň ýakyn adamsy hasap etdi. Kyýas baýyň ýüreginiň içki gatynda peýda bolan bu ýakymly duýgy basym özüni äşgär etdi. Onuň beýleki aksakgallara haýbat atyp, goçulyk satýan wagtlary-da bolýardy. Bir gün ol özünden başgalara göwnüýetmezçilik edip otyrka, ýaşululardan biriniň gahary geldi.

– Öz maşgalaňa hossarlyk edil bilmeýän halyňa biziň üstümize näme çişýäň? – diýip, ol Kyýas baýa gyjalat berdi. – Beýle

edenli goç bolsaň, gökleňler gözüň alnynda agaň gyzyňy süýräp äkidermidi?
Bu gyjalat Kyýas baýa ýokuş degdi. Şu gyjalatyň aşagyndan çykmasa, köp ýerde dili gysga boljakdygyna gözi ýetdi. Ol bir hile oýlap tapmagyň küýüne düşdi. Şu maksat bilen ol Hanjan egri diýen ykmandany öýüne çagyrdy.
— Şu ýumşumy bitirseň, gadyryňy bilerin! — diýip, Kyýas baý wada berdi. — Saňa jylawuny çeýnäp duran gurat bedew bereýin, şemhal hyrly bereýin. Şemhaldan kem atmyýan ýaý bereýin. Ähli dokuzyňy düzläýin welin, gökleň iline git!
— Gökleň ilinde näme işlemeli?
— Gökleňiň gerkez ilinde Gully diýilýän bir ýetimek bardyr.
— Şol Kowus agaň gyzyňy alyp giden ýigitmi? Ondan bäri köp ýyl geçdi ahyry.
— Ýüz ýyl geçse-de, onuň gyjalaty boýnumdan aýryljak däl. Sen gaýrat et-de, meni şu gyjalatdan dyndar! Eger şol ýetimegiň ýoguna ýanyp bilseň, münüp gitjek bedewiňi, äkitjek ýaraglaryňy başy bilen özüňe bereýin.
Bu ýumuş Hanjan egrä birbada garaňky göründi. Kyýas baý süýji wadalar bilen onuň daşyny kerepläp, ahyry razy etdi. Hanjan egri gökleň iline rowana boldy. Ol Hajygowşawa bardy, gerkezleriň ak ekin ekýän meýdanyny salgy aldy, assyrynlyk bilen ser salyp, Gully ýetimi tapdy. Ol maýsa ekilen meýdandan uzak bolmadyk jülgeleriň birinde gizlendi. Ol atyny duşaklap otlamaga goýberýärdi, özi çöp-çalama bukulyp, Gully ýetimi aňtaýardy, Bir gün daňdanlar Hanjan egri ukuda ýatyrka elhenç arryldy ony ukudan oýardy. Ol zähresi ýarylan ýaly bolup ýerinden turdy. Ol şol tarapa ylgap barýarka, bir äpet gaplaňyň öz atyny çeýnäp duranlygyny gördi. Ol hyrlynyň aýagyny ýere dikdi-de, gaplaňy tüpeňledi. Gaplaň aýylganç ses edip, arkanlygyna zyňdy. Birdenem Hanjan egrä baka okduryldy. Hanjan egri tüpeňini taşlady-da, pyçagyna ýapyşdy. Gaplaň aňyrdan gelşine Hanjan egrini bagyrdadyp basdy. Ýöne gaplaňa degen gülle jaýdar işlän eken. Gaplaňyň barha eňki gidip barýardy. Hanjan çep goluny gaplaňyň agzyna berdi-de, sag eli bilen onuň çep böwründen pyçaklady.
Hanjan egri zannyýaman adam! Ol sähelçe bähbit boljagyny

bilse, Allatagalanyň özüni-de sylajak adam däl. Ýöne her neneň zannyýaman adamyňam özüne görä wyždany bolýar. Hanjan egri gaplaňa ýardyryp, demini sanap ýatyrka, bir goç ýigit gelip, ony öýüne getirdi. Tebip çagyryp, ýarasyna melhem etdi. Özüne hossarlyk edýän bu rehimdar adamyň hut Gully ýetim bolup çykmagy Hanjan egrini oňaýsyz ýagdaýa saldy. Bu muşakgatly ünjüler ony Gully ýetimiň öýüni terk edip gitmäge mejbur etdi. Ol şol gidişine bir giň düzlüge çykýança ýöredi. Gün gyzypdy. Entek öz gurbuna gelmedik mejalsyz göwre ýadaýardy. Endamyndan der suw ýaly akýardy. Ahyry bir çöpüň düýbüne gaplaň derisini ýazdy-da, onuň üstüne süýndi. Ýöne uzak süýnüp ýatmaga-da takaty ýetmedi. Sebäbi, ýanynda suwdan, çörekden – hiç zady ýokdy. Ol nätjegini bilmän, bulanyp ýatyrka, birden jaň sesi eşidildi. Hanjan egri ýaraglaryny dakyndy, gaplaň derisini egnine atdy-da, jaň sesine baka gyrmyldap ugrady. Ahyry onuň öňünde ýaýrap gezip ýören süri goýun göründi. Goýunlardan aňyrrakda çopan goşy bardy. Çopan goşunyň ýanynda bir düýe çöküp otyrdy, bir eşek otlap durdy. Hanjan egri çopan goşuna bardy.

Goşda iki sany adam bardy. Olardan biri ýaşy altmyşdan agan peşeneli ýaşuly yssynyň içinde ot ýakyp otyrdy. Otuz ýaşlaryndaky bir ýigit ullakan kersende hamyr edýärdi. Çopanlaryň ikisiniň-de gözi gaplaň derisindedi.

Hanjan egri ony aňdy-da:

– Şu gaplaň derisini size getirdim – diýdi,

– Bir gaplaň biziň mallarymyza-da gün-mydar berenokdy, şu haram ölmüş şol bolaýmasyn!

– Şu gaplaň maňa gaty gymmat düşdi. Kowsa ýetýän, gaçsa gutulýan bedewimi çeýnedi. Bir golumy sandan çykardy. Bu deri meniň gözüme ýigrenji görünýär. Ony size beräýjek.

– Muny bize berme-de, Döwletgeldi baýa çekim et! – diýip, ýaşuly maslahat berdi. – Ol uly baý! Bu derini çekim etseň, saňa bir semiz öweç berer.

– Döwletgeldi baýyň öýi nirede?

– Ol häzir Gamakly ýaýlada oturýa. Bir menzil çemesi bardyr.

– Men Döwletgeldi baýyňka gidip oturmaýyn. Derini baýa özüňiz çekim edäýiň! Onuň abraýam siziňki bolsun!

– Beýle gymmat düşen derini ýöne alaýmaga-ha ýüregimiz edenok. Degerlije bir zat beräýeli diýsegem bizde zat ýok.
– Maňa köp zat geregem däl. Birnäçe gün oňar ýaly ýol azygy berseňiz bolar.
– Beýle bolsa sen dynjyňy al! – diýip, ýaşuly ýanyp köz bolan oduny kesewi bilen kakyşdyrdy – Häzir çörek bişer welin, çörek iýeris. Tapdygymyzdan ýol azygam beräýeris.

■ «Hergiz ýaman bilen bile bolmaňlar…»

Öýle namazy ýaňy okalypdy. Magtymguly öýde kitap okap otyrdy. Birden gapy açyldy-da, bir zenan maşgala içerik girdi.
– Salamälik! – diýip, ol iç işikde çommalyp oturdy.
– Gurgunmysyňyz, Bahar! Düşek üstüne geçiň-dä!
Bahardan ses çykmady.
– Size näme bolýa? – diýip, Magtymguly geň galdy.
– Biziň işimiz haýyr-la! Hudaýa şükür, oglumam, özümem başymyz dik gezip ýörüs. Ýöne Meňli…
– Ona näme boldy?
– Meňli görgüliňkem oňuna bolman barýa. Şyhym baý ölensoňam oňa rahatlyk ýok. Baýyň hossarlary ýerli-ýerden çekeläp, baýdan galan maly-mülki dargatdylar. O zatlaram jähennem diýseň, Meňli görgüliň kiçi gyzynam zorlap aldylar. Siz Hywa gideniňizden soň Halmämmetler gelin edindi. Biçäre Meňli gyzyňy bermejek bolup, şunça dady-perýat etse-de, dadyna ýetişen bolmady. Şondan soň Meňli halys dünýäden doýan ýaly bolaýdy. Ne iýýä, ne içýä. Ahyram ýanyny ýerä berdi.
Baharyň gözüne ýaş çaýylyp gitdi. Ol ýene bir zat diýjek boldy. Ýöne geplemäge erki ýetmänsoň, gyňajynyň ujy bilen gözlerini süpürdi-de, çykyp ötägitdi.
Ýüregini paralap barýan ajy gussa bilen başa-baş galan Magtymgulynyň ýarasyna şerebe sepildi. Meňli hakyndaky muşakgatly ýatlamalar ýene oňa ezýet berip başlady.
Magtymguly Meňliniň ýanyna gitmek üçin göwnüni bölüp otyrka, iki sany atly gapa geldi. Gelen atlylaryň biri daşarda – atlaryň ýanynda galdy. Beýlekisi içerik girdi. Magtymguly onuň Adna serdardygyny tanady. «Biziň gapymyz Adna serdaryň gelýän

gapysy däldir-le! Bu gün oňa näme küý geldikä?»
Magtymguly Adna serdary myhman aldy, saçak ýazyp hezzet etdi.
— Siz uzak wagtlap obada bolmadyňyz, şahyr — diýip, Adna serdar saçak başynda söze başlady. — Sizi göresimiz geldi. Geleniňizi eşitdim-de, salamlaşyp gaýdaýyn diýip, ýörite geldim.
— Gowy edipsiňiz! Saglykda barşyp-gelşip durmagyň belli bahasy ýokdur.
— Biziň ýaşymyza ýeteňsoň saglygam aňsat däl. Hanha, Nobat hanyňam näçe wagtdan bäri başy ýas». sykdan galanok. Täzeden bäri onuň peşewem düzüwli ýöränokmyş. Gepiň gysgasy, gökleň ili hansyz galdy.
— Hanyň orny boş galasy ýok-la! Eýýäm on adam onuň tagtyna dalaş edýändir.
Adna serdar Magtymgulynyň sözüni özüne çekdi. Şeýle-de bolsa, sypaýyçylygy elden bermezlik üçin, özüni giň göwrümlilige saldy.
— Arada gökleň ýaşululary geňeş edip, maňa! «Sen han bolaý, biz her bir işde seni goldarys» diýdiler. Men belli jogap bermedim. Siziň ýala akylly adamlara-da geňeşip göreýin diýdim.
— Bu barada maslahat berere çakymyz ýok — diýip, Magtymguly jogap berdi. — Bu geňeşi halkyň özüne salmak gerek. Kimiň adalatlydygyny halk gowy tanar.
— Hawa-la, bu zatlary halkyň özi gowy biler. Siziň bilen başga bir gürrüňim bar. Özüniz bilýäňiz, Küti pälwan pahyram dünýäden ötdi. Men gerkez bolmasamam gerkezleri özümiňki ýaly görýän. Häzir gerkez ýigitleriniň baştutany ýok.
— Ýeke gerkezler däl, serdar — diýip, Magtymguly jogap berdi.
— Külli türkmen ili akylly baştutana mätäç!
— Türkmende baştutanlyga ýarajak ýigit gyt däldir-le. Ýöne il azypdyr. Ile ýaranyp bolanok,
— Ile ýaranmak üçin iliň agysyny aglamak gerek! Häzirki baştutanlyga dalaş edýänler eýran ýalhorlaryna ýaranyp bilse armany ýok! Gyzylbaş häkimleriniň dolmaz ganaryny doldurjak bolup, öz halkyny weýran etdirmekdenem gaçanoklar.
— Muny Nobat handan çen tutup aýdýansyňyz — diýip, Adna serdar

mönsüredi. – Hemme han bir meňzeş bolanok ahyry.
– Nobat handan beýleki hanlaram halka dönüklik etmekde biri-birinden kem galanok. Özüni serdarlar başy hasaplaýan Adna serdar hem Astrabadyň häkimi bilen saçakly gatnaşýamyş.
– Aýdýanyňyz näme, şahyr! Häkimiýet bilen gatnaşyk etmän bolmaz ahyry! Häkimiýet bilen dost bolsaň ona ýetesi näme bar!
– Hany, bir wagtlar «gyzylbaşdan ataň bolsa, biliňde paltaň bolsun!» diýip aýdýadyňyz-la!
– Ozal meniň ýek-ýigrenýänim gyzylbaşlardy. Olara garşy köp söweş etdim. Indi ýagdaý üýtgedi. Häkimlik gajarlaň eline geçdi. Ýurt eýesi Agamuhammet patyşa boldy.
– Siz, näme, Agamuhammet gajary Kerim handan adalatly bolar öýdýäňizmi?
– Gürrüňi näme! Gajarlar bize golaýrak. Gajarlaň türkmenler bilen garyndaşlygy bar.
– Gep golaýlykda, daşlykda däl. Ony diýjek bolsaňyz, Nedir şa bize hasam golaýdy. Emma onuň türkmenlere eden sütemi ýadyna düşende endamyň tikenekläp gidýär. Agamuhammet şanyňam şondan enaýy boljagyna. meniň-ä ynamym ýok.
– Şahyr, şahy älemiň adyna beýle sözler aýtmaga neneň diliň barýa? Sen patyşanyň mertebesine dil ýetirýärsiň-le!
– Köneden gelýän bir rowaýat bar: Öň zamanda bir täsin ýurt bolupdyr. Ol ýurdyň patyşa bolan adamyň jynsy üýtgäp, aždarha sypatyna öwrüläýýän eken. Eger biri ol patyşany syndyryp, onuň ýerine özi patyşa bolsa, o-da aždarha öwrüläýýän eken. Bu rowaýat hakykata laýyk gelýär. Tagtyň kanuny şeýle. Tagt özüne eýe bolan adamlaryň aždarha ýaly zalym bolmagyny talap edýär.
– Bu gürrüňi goýaly, şahyr! Patyşaň gybatyny etsek, gowulygyň üstünden barmarys. Gowusy, siziň ýigitleriňiz hakynda gürleşeli! Gerkez ýigitleri serdarsyz kösenip ýörmez ýaly, olary öz ýanyma alaýsam diýýän. Galkan gökleň ölenden soň onuň ýigitlerinem özüme nöker edindim.
– Galkan gökleňiň ýigitlerini alan bolsaňyz, şolar bilen oňaýmaly ekeniňiz! Gerkezler size azar bolar.
– Siziň ugruňyzdan turjak bolup şunça jan etdim welin, birsyhly meniň kejime gaýdyp dursuňyz-la! – diýip, Adna serdar öýke bildirdi. – Sizem gökleň, menem gökleň. Şonda-da ömürboýy

ikimiziň mäşimiz bişişmän geçdi. Siz sylaşygy beýlekini bileňzok. Ýüzüme bakyp, diýjegiňizi diýip otyrsyňyz! Men islesem sizi gapyma gelip dyza çöker ýalagam edip bilerin.
Magtymguly ýaňsyly bakyş bilen Adna serdara seretdi. Onuň bu seredişi: «Eger eliňizden gelse, siz oňa bireýýäm ederdiňiz» diýip durana meňzeýärdi.
– Bolýar, şahyr, onda gep şü bolsun! – diýip, Adna serdar ýerinden turdy.

■ «Jan saglygyň bolmaz hiç deňi taýy…»

Soňky günlerde Meňliniň haly peseldi. Işdäsi kesildi. Ysgyny gaçdy. Girip-çykmasy kynaldy. Meňliniň gyzlary onuň ýanyny saklap oturyp bilenokdy. Günaşadan, ikaşadan ejeleriniň halyny soramaga geläýselerem, kän eglenmän gaýtmaly bolýardylar. Olaryň gaýyn eneleri gelinlerini zabun saklaýardy. Onuň hem sebäbi belli. Bahar gelenden soň ol mydama Meňli bilen duldegşir goňşy oturdy. Meňli Baharlar bilen halys öwrenişip gitdi. Ol Baharyň ogly Sarmany-da gowy gördi. Sarman hoş gylyk, süýji dilli, mylaýym ýigit bolany üçin, Meňliniň gyzy Bibimerem-de ony erbet görmedi. Sarman işe-zähmete gaýymdy. Meňli öz ýanyndan oýlandy-pikirlendi-de, kiçi gyzyňy Sarmana bermegi ýüregine düwdi. Şyhym baýyň hossarlary ony etdirmediler. Olar Meňliniň razylygyna, närazylygyna garaman, Bibimeremi Halmämmetlere berdiler. Baharlar häzir hem Meňli bilen goňşy oturany üçin, Halmämmetler Bibimeremi enesiniň öýüne goýberesleri gelenokdy. Meňliniň suwuna, täretine köplenç Bahar seredýärdi.
Bahar Magtymgula aýtjak sözüni aýdyp, öýe dolanyp baranda, Meňli gözüni ýumup ýatyrdy. Bahar emaý bilen onuň maňlaýyndan sypalady. Meňli gözüni açdy.
– Ýaňyrak seni gygyrdym welin, ses bermediň-le.
Bahar, näme üçindir, dogrusyny aýtmady.
– Belli giden ýerim ýok-la. Şu töwerekdedim.
– Ýadyňa düşýämi, Bahar jan? Ol wagtlar biz ýaňy göze görnen gyzdyk. Ikimiz teläriň astynda ýanlyk ýaýyp durkak, Magtymguly geçip gidipdi. Şonda sen Magtymgulynyň yzyndan seredip: «Wah,

meni şu ýigide beräýselerdi!» diýip, wäşilik edipdiň.
— Men seni gabandyrjak bolup aýdypdym, jora jan! Sebäbi, sen meni her näçe gowy görseňem, Magtymgula bolan yşkyňy menden gizleýädiň. Şonuň üçinem, seni gabandyraýjak sözler aýdyp, ýüzüňi gyzartmagy gowy görýädim.
— Hawa, men bu syry hemme kişiden gizleýädim. Ýüregimde joş urýan duýgularyň köpüsini Magtymgulynyň özündenem gizleýädim.
— Sen ol syryňy häzirem äşgär edeňok. Şu wagtlar seniň ony göresiň gelýänligini bilýän. Şonda-da hiç zat diýeňok.
— Şunuň ýaly wagtda şahyryňam obada bolmyşyny diýsene! Indi men Alladan uzak ömür dilämok. Şahyr gelýänçä ajala sabyr ber diýip ýalbarýan.
Bahar pikire gitdi. Magtymgulynyň oba gaýdyp gelenligini we ony görüp gaýdanlygyny Meňlä aýdasy geldi. Emma Magtymgulyň Meňlini soramaga geljegi-gelmejegi hakynda belli jogap almansoň, bu hakda hiç zat diýmedi.
— Gyzgynjak süýt içjekmi?
— Içesim gelenok.
Bahar Meňli bilen gürleşip otyrka, Sarman salam berip içerik girdi. Sarman öýlenmedik ýigit bolansoň, onuň öz adyna ýeri-suwy ýokdy. Iliň talabançylygyny edip gün görýärdi. Bu günler ol orak meýdanyna gidip, hakyna orak orýardy.
— Geldiňmi, Sarman jan? — diýip, Bahar ogluna ýüzlendi. — Orak orup gutardyňyzmy?
— Orak gutardy. Indi döwek döwýäs — diýip, Sarman jogap berdi.
— Meňli daýzamy göreýin diýip gaýdyberdim. Hemem däninim, täze düwenje terne getirdim.
Sarman naskädä görä ulurak iki sany ternäni Meňliniň başujunda goýdy.
— Terne çykan bolsa iýip göräýmeli!
— Dur entek! Paçagyny aýryp bereýin.
— Paçagyny aýyrma! Ternäni paçagy bilen iýseň süýji bolar.
Meňli çaga wagtynda edişi ýaly, terneniň daşyny eli bilen süpürdi-de, gemirmäge başlady.
— Magtymguly şahyr gelipdir diýýäler — diýip, Sarman gürrüň berdi. — Onuň bilenem salamlaşyp gaýdaýjakdym.
Menliniň hassa ýüregi ersip gitdi. Ol çeýnäp duran ternesini

ýuwutmaga-da howlugyp:
— Magtymguly gelipdir diýdiňmi? — diýip, sorady. — Alla jan meniň dilegimi eşidäýdimikä? Arman, men onuň ýanyna gitmäge ýarajak däl-dä!
— Aýdýanyň näme, Meňli jan! — diýip, Bahar göwünlik berdi. — Magtymguly gelen bolsa, enşalla, seniň ýanyňa-da geler. Ol bihal adam däl ahyry. Ýaraman ýatanyňy eýýäm eşidendir.
— Ol geler öýdýäňmi? Beýle bolsa, kyn görme-de, meniň düşegimi täzelesene! Üstüme täze ýorgan ýap! Täze köýnek geýdir!
Sarman Meňlilerden çykdy-da, öz ugruna gitdi. Bahar Meňlini bir gapdala süýşürdi, düşegini täzeledi. Täze sowsany köýnek geýdirdi. Menliniň päkize düşege geçerine mähetdel bolup duran ýaly, Magtymguly salam berip gapydan girdi. Onuň iki gözi Meňlidedi. Şahyryň göwnüne Meňli üýtgän ýaly göründi. Onuň ýüzüniň reňki solupdyr, duluklary içine çöküp, çekgeleri çykyp gidipdir. Maňlaýyny, ýaňaklaryny gelşiksiz ýygyrtlar basypdyr. Bir wagtky oýnaklap duran gözleriniň şöhlesi öçüpdir.
— Siziň ýaraman ýatanyňyzy eşidip ýörite geldim — diýip, ol ýasama giň göwrümlilik bilen gürledi. — Derdiňize Allaň özi em etsin!
Magtymguly gelenden soň, Meňli ýassyga ýaplanyp dik oturdy.
— Men görmälim bäri siz üýtgäpsiňiz, şahyr — diýip, ol Magtymgulydan gözüni aýyrman gürledi. — Ýagşy adam garradygyça ýüzüniň nury artarmyş diýýäler. Siziňem ýüzüňiziň nury artar, enşalla!
Meňliniň ysgyny gaçdy. Uzak oturmaga mejaly ýetmedi. Ol birden gürrüňini kesdi-de, başyny ýassyga goýdy.
— Siz öz rahatlygyňyza serediň! — diýip, Magtymguly maslahat berdi. — Keselden gutulmagyň uly dermanynyň biri-de rahatlykdyr.
Magtymguly Meňliniň keseli hakynda, tebipleriň eden emi hakynda Bahardan soraşdyrdy. Bahar totam ejäniň Meňlä tebiplik edişini, onuň salgy beren dermanlaryny aýdyp berdi. Magtymguly ýere bakyp oturyşyna çalaja başyny ýaýkady. «Biçäre hassalara tebiplik etmek nobaty totam eje ýaly, halwa bilen gurduň tapawudyny bilmeýän nadanlara ýetensoň, nädip olaryň derdine em tapylsyn!

Gün öýleden agandan soň, Sarman dolanyp geldi. Magtymguly bilen görüşdi. Saglyk-amanlyk soraşdylar.

– Bu ýyl oraga gitmediňizmi? – diýip, Magtymguly gepiň gerdişine sorady.

– Gitdim, şahyr. Orak wagty birneme gazanaýmasak, başga wagt gazanç edip bolýamy näme! Meňli daýzamy soramaga gelipdim. Gelenim gowy bolaýdy, Bahana bilen sizem göräýdim. Siziň bilen bir geňeşim bar, şahyr. Indi men ýigrimi alty ýaşadym. Ýoksullyk zerarly entegem ile goşulyp bilemok. Elimde atym, ýaragym bolmansoň, ýagy çozanda ýa-da garakçylar dökülende il bilen deň söweşem edip bilemok. Şu wagt adamlar täze bir habar tapýalar, Adna serdar özüne nöker ýygnaýamyş. Nöker bolan adama at, ýarag edinmäge-de kömek etjekmiş diýýäler.

– Oňa nöker bolaýmak meýliňiz barmy?

– Aý, näme, juda bolmanda atly-ýaragly bolaryn-da!

– Oňa razyçylygam berdiňizmi?

– Razyçylyk berenlerimizem bar. Eýýäm oňa hyzmat edip ýören kişilerem bar.

– Ýigidiň aty-ýaragy bolmasa, onuň gaýratam bolmaz! Siziň ýaly ýüňi ýeten ýigide at-ýarag gerek! Ýöne: «Geçme namart köprüsinden, goý aparsyn sil seni!» diýen bir akylly sözem bardyr. Adna serdar siziň diýjek serdaryňyz däl! Ol size at-ýarag berse-de berer. Beräýse-de dag ýaly minneti bilen berer. Minnetli aş zäherdenem ajy bolýandyr. Siz entek ýaş! Men size bir nesihat bereýin! Gezeňizde är ýigidiň yzynda geziň! Är yzynda gezseňiz, är dek bolarsyňyz. Har yzynda gezseňiz, har dek bolarsyňyz.

Magtymgulynyň öwüdi Meňliniň ýüregine jüňk boldy, ol ýatan ýerinden hoşallyk bilen ýylgyrdy. Taryhy proza